# Rowaýatlar düwünçeginden

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Rowaýatlar düwünçeginden



## • Göribiñ täleýi

Ir zamanlarda küren obalaryň birinde iki goşňy daýhançylyk bilen gün-güzeranlaryny dolandyryplar. Dogusyny diýseň, olaryň ikisi-de janypkeş adamlar eken. Ýöne  goňşularyň biriniň

ganynda görüplik möwç urupdyr. Ol hemişe goňşusyna erbetlik edipdir. Goňşusy muňy bilse-de hemişe geçirimlilik edipdir.
Günleriň birinde goňşularyň bíriniň melleginde bir daragt ak güllere bürenipdir. Golaýyndan garamasaň ol ak gara bürenen ýalymyş. Muny gören gören göribiň gözleri tegelenip tasdanam hanasyndan çykan ekeni.
Onuň gijesine gözlerine uky gelmändir, gündizlerine eden işi asla ugruna bolmandyr. Günleriň birinde ol gijäniň tümliginden peýdalanyp goňşusynyň miwe berjek bagynyň düýbüne  gara ýag guýupdyr.
Bagyň eýesi daragtyň düşen halyna gaty gynanypdyr. Birnäçe gün geçensoň ol bagyň düýbüni gazanda içi tylladan doly kinniwanja sandyk çykypdyr. Muňy eşiden goňşusy  birnäçe günläp matam tutupdyr. Günleriň birinde ol melleginde güle bürenip oturan bagyň dübýüne gara ýag guýupdyr. Şondan bir näçe gün geçensoň bag çüýräpdir.
Görip şol bagyň düýbüni gazyp  başlanda  pili gaty bir zada degipdir. Gazyp görse, ol syrçaly küýzemiş. Şonda ol: “Goňşumyň tapan sandygyndan has uly” diýip, begenipdir.
Küýzänii açanda welin garaşylmadyk bir ýagdaý ýüze çykypdyr. Küýzäniň içinden çykan ala ýylan görübiň göwresine saralypdyr. Şonda ol: “Eý wäk, ala ýylan men saňa degmedim, sen bolsa meni gysyp janymy alyp barýarsyň. Men biçäräniň günäsi näme? –diýip, oňa ýüzlenipdir.
– Eý-ho, görip kişi, sen heniz hem eden gahat işleriňden bihabar ýaly-la?–diýip, onuň gahatlyklaryny ýekänme-ýekän sanap beripdir. Görüp şondan soň bet işlerine gynanyp, toba gelipdir. Şondan soň ýylan hem  bir ýerlere sumat bolupdyr.

- **Bu meniň Watanym**

Gadym zamanlarda sebitde apat gopupdyr. Zemin lerzana gelip, asman bilen çaknyşan ýaly bolupdyr. Elhenç harasat gojaman daragtlary kökünden goparyp owarra zyňypdyr. Dereler-daglar silkinip, derýa-deňizleriň suwy joşup köp betbagtlyklary getiripdir. Kimiň ölesi gelýär, janly-jemende  aman galmak üçin gaçybatalga agtarypdyr.  Diňe türkmenleriň alabaý

tohumyndan bolan bir köpek göýä diýersiň jahanda gorkunç bir zat bolmaýan şekilli alyslara merdemsi nazaryny dikip sarsman oturanmyş. Janly-jemende art aýatlaryna daýanyp oturan köpege haýran galyp seredýärmiş. Apat sowulanda: “Näme üçin başyňy gutarmaga howlukmadyň, seniň janyň ähli zatdan eziz dälmi?” diýip ondan soranlarynda:
– Ölümden gorkmaýan telbe şekillidir. Meniň şu oturan ýerim dogduk Watanym, ol meniň janymdan has gymmatly, ony ýalňyz goýup nirä gideýin,–diýip, jogap berenmiş..

- **Hyýalkeş doganlar**

Gadym zamanlarda obalaryň birinde ýalta doganlar ýaşapdyrlar. Olaryň ýaşaýan külbesi şeýle bir çagşapdyr welin, ýel ösende zowwam geçýär ekeni. Doganlar güzeran gazanmak üçin çölden odun ýygnap bazarda satar ekeni. Gyş pasly golaýlanda doganlaryň ulusy:
– Il deňinde biz hem özümize ýylyjak bir jaý gurnayly, ýogsam gyşyň aňzagy bizi heläklär!–diýip, inisine ýüzlenipdir.
– Gaty jaýdar pikiri orta atdyň, gurnaýly!–diýip, inisi agasynyň gymmatly teklibini tutuşlygyna goldapdyr.
Şeýlelik-de doganlar çölden köpräk odun ýygnamagy, iýmite az çykdajy etmegi, tygşytlanan serişdäniň hasabyna jaý gurunmagy meýilleşdiripdirler.
Ýöne doganlar hemişekisi ýaly çölden bir arka odun ýygnap bazarda satypdyrlar.
– Ýygnan odunymyz az däldir-le, onuň deregine bir çöregi az iýmeli bolar-da–diýende, doganlar bir-birlerini goldapdyrlar.
Olar odun satmak üçin bazara gelenlerinde tamdyrdan ýaňyja çykan mele myssyk çörekleriň ysy huşuňy aýlap barýarmyş.
– Şu gün iki çörek iýsek-de bolar, ertir tygşytlarys– diýende doganlaryň ulusy inisiniň pikirini makullapdyr. Doganlar günde mele myssyk çörekden gerk-gäbe bolýançalar iýipdirler. Şeýle ýagdaý gyş ornuny bahar paslyna berinçä dowam edipdir.
Ýöne doganlar häzire çenli şol ýeliň zowwam ýel geçýän külbesinde ýaşaýarlarmyş.

Toplan: Şahymerdan SARYOGLY. Halk döredijiligi we rowaýatlar